# Ýardan salam getirmedik sabalar…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ýardan salam getirmedik sabalar… ÝARDAN SALAM GETIRMEDIK SABALAR…

Ýardan salam getirmedik sabalar,
Goşa gumrulara togap edenim.
Ykbal perişdesi nämä ýorduñ sen?
Diýdiñmi ýa :,, Bagty ýatan ekeniñ»

Ýalñyz dañlañ lezzetinden üzñe ýa,
Bilmen,
Päk niýetiñ salgysynamy?
Bir maksada gulluk edýänim üçin,
Bagta barýan ýola saldyñmy meni?

Gorkman güzabyndan ýaryşly ýollañ,
Müñ dürli aly bar ýellere bakman.
Salgyma öwrülen maksadyñ Aýy,
Söýgiñden güýç alyp barýaryn aman.

Ýowuz kynçylyklañ yzgytsyzlygna,
Uýmadym,
Şikesli dabanma bak, ýar!
Saña barýan ýolda synag ýelleri,
Tozan däl, bagt bolup gözümi gapýar.

Mährem APBAÝEW. Goşgular